# Ogluma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ogluma OGLUMA

Özüñçe ädimle, özüñçe ölçe,
Gursagyñda bolsun ynsabyñ joşy.
Ynsanperwerligi ýanyñdan goýman,
Göterip ýaşagyn ýaşaljak ýaşy.

Ýyly mähri bilen çoýsa tebigat,
Simap sütüni deý galybermegin.
Sowuk gelip, birden üýtgese pasyl,
Peselip, kiçelip galybermegin.

Ýagşylyk et adam tanajak bolsañ,
Ýyllar geçer, sataşýandyr ykballar.
Sen sorama, öz-özünden bildirer,
Eden ýagşylygña mynasyp däller.

Şerip GOTUROW.

1981. Goşgular